# Guglyñ öñki başlygy duýdurdy: «Emeli añ bilen pandemiýany başlap bilerler»

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 26 января, 2025
Guglyñ öñki başlygy duýdurdy: "Emeli añ bilen pandemiýany başlap bilerler" GUGL-yñ ÖÑKI BAŞLYGY DUÝDURDY: «EMELI AÑ BILEN PANDEMIÝANY BAŞLAP BILERLER»




*«Google DeepMind»-iñ düýbüni tutujy şärikdeşi adamlaryñ «patogenleri synag edip görjekdigini» aýdyp, «iñ garañky senariniñ» üstünde durup geçýär.*

Emeli añ boýunça hünärmen, Guglyñ öñki ýolbaşçysy emeli añyñ bet pygyllar üçin ulanylanda, sintetiki wiruslaryñ döredilip bilinjekdigini we munuñ täze pandemiýa döredip bilme mümiinçiliginiñ bardygyny aýdýar.

«Google DeepMind»-iñ düýbüni tutujy şärikdeşi Mustafa Süleýman emeli añyñ patogenleri has beter zyýan ýetirjek şekilde taýýarlamak üçin ulanylmagynyñ pandemiýa ýaly betbagtçylyga getirip biljekdigi baradaky howatyrlaryny mälim etdi.

Bir podkastyñ ýakyn wagtda çap edilen bölüminde «Iñ garañky

senari adamlaryñ patogenler bilen bilmezden ýa-da bilkastlaýyn has ýokanç ýa-da ölüm howply netijelere getirip biljek taýýar sintetiki patogenler bilen synag edip görmesidir» diýilýär.
M.Süleýman adamlaryñ şarbon ýaly patogen mikroplary añsat edinmeginiñ öñüni almak üçin nähili çäklendirmeler getirilýän bolsa, ösen emeli añ tehnologiýasyny we bular ýaly modelleri işledýän programmalary hem çäklendirmäge çagyrdy.
«The Diary of a CEO» podkastynda: «Ine, edil şu ýerini berk gözegçilige almak gerek. Bular ýaly synaglary geçirip biljek enjamlary we maglumat toruny edinmegi çäklendirmeli» diýilýär.
«Google DeepMind»-iñ düýbüni tutujy şärikdeşi şeýle diýýär: «Kimdir biriniñ bulary edinmegine ýol berip bilmeris. Emeli añ programmasyny, bulut sistemalaryny, hatda käbir biologiki materiallary kimleriñ ulanyp biljekdigini çäklendirmeli bolar».




*Mustafa Süleýman*
Ol sözüniñ dowamynda «Elbetde, biologiki manyda beýtmek käbir maddalary edinmegiñ çäklendiriljekdigini añladýar» diýip, emeli añ ösüşine «seresaply çemeleşmelidigini» aýtdy.
M.Süleýmanyñ beren beýanaty biologiýa bilen baglanyşykly ýörite bilimi bolmadyk okuwçydyr talyplaryñam emeli añ sistemalaryndan jikme-jik biologiki ýarag tekliplerini alýandygyny aýdýan seneli ylmy işinde öñe süren howatyrlaryny

gaýtalaýar.
Arasynda ABŞ-nyñ Massaçusets ştatynyñ Tehnologiýa institutynyñ (MIT) işgärlerindenem bolan ylmy-barlagçylar söhbet robotlarynyñ «pandemiýany başlap biljek potensiala eýe dört patogeni» bir sagadyñ dowamynda teklip edip we bulary sintetiki DNK-dan nähili öndürip biljekdigini» gürrüñ berýändigini anykladylar.
Barlaglar söhbet robotlarynyñ şol bir wagtyñ özünde «buýurmalary agtarmagy mümkin däl DNK sintez şereketleriniñ atlaryny berendigini, jikme-jik protokollary we bulardaky meseleleriñ nähili gideriljekdigini kesgitländigini we tersine genetiki amal etme ukyhyna eýe dälleriñ merkezi desga ýa-da şertnamaly gözleg edaralary bilen işlemegi ündändigini» ýüze çykardy.




Geçirilen işde ChatGPT ýaly uly dil modelleri (LLM-ler) hakda «pandemiýa synpynyñ wiruslary howpsuz görnüşde kesgitlenip-kesgitlenmänkä, laboratoriýa taýýarlygyndan az geçen ýa-da geçmedik kişileri-de öz içine alýan derejede ýaýrawly elýeterlilige açyk ýagdaýa getirerler» diýdi.
Awtorlarynyñam arasynda MIT-den biologiki howp boýunça hünärmen Krwin Esweltiñem bolan ylmy işde «ýolukmalaryñ öñüni alýan işleri» geçirmäge çagyrdy.
Bu öñüni alyş işleri «ulanyşa hödürlenmezden öñ LLM-leriñ üçünji taraplaryñ beren bahalaryny, maglumat gorlarynyñ zyýanly düşünjelerden arassalanmagyny we sintez üpjün edijiler

tarapyndan döredilen ýa-da şertnamaly ylmy-barlag edaralary we robotlaşdyrylan «bulut laboratoriýalary» tarapyndan organizm ýa-da wirus hünärmenligi üçin ulanylýan ähli DNK-lary tassyklap boljak görnüşde agtarylmagyny» öz içine alyp biler.

Wişwam SANKARAN.

Anna, 08.09.2023 ý. Medisina